**Düýn, 2-nji aprelde Aşgabatdaky Söwda-senagat edarasynda “Hyzmatdaşlyk we ösüş” atly köpugurly halkara sergi açyldy.**

Sergä ýurdumyzyň we daşary döwletleriň iri kärhanalarynyň 100-e golaýy öz diwarlyklary bilen gatnaşýar. Onuň açylyş dabarasy döredijilik toparlarynyň aýdym-sazly çykyşlaryna beslendi. Dabara Hökümet agzalary, Mejlisiň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary döwletleriň hem-de halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Sergide Türkiýe Respublikasyndan, Hytaý Halk Respublikasyndan, Azerbaýjandan, Awstriýadan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Germaniýadan, Italiýadan, Russiýadan, Özbegistandan gelen köp sanly kompaniýalaryň önümçilik kuwwatlyklary bilen ýakyndan tanyşmak mümkin. Olar ykdysadyýetiň dürli ugurlaryna ýöriteleşen kompaniýalardyr.

Köpugurly sergi 4-nji aprelde öz işini tamamlar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены
save pdf date >>> 08.05.2026